# Moskwa täsirleri

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Moskwa täsirleri

MOSKWA TÄSIRLERI

Moskwa,
sen gözelligiñ keşdesi,
Päk ýürek ynsanlañ gözli çeşmesi.
Gadymy hem täsin binalañ bilen,
Göwnümi joşdurdyñ, hoş etdiñ serim.

Söýgi sazyn çalýar tämiz säherleñ,
Zemine ak garyn seçişin gör-ä!
Älemdäki iñ owadan şäherleñ
Biri ~ sen. Men şuña geçýärin güwä.

Akyp dur ikiýan jahankeşdeler
Kreml köşgüniñ meýdançasyndan.
Parahatlyk sazy dünýä eşdilýär
Birleşen ýürekleñ belent sesinden.

Moskwada ýaşaýyş bar, durmuş bar,
Juwanlyk hem söýgi noş kylar meýin.
Munda dost-doganlyk kökün urmuşdyr,
Ap-ak berýozalañ jeññeli deýin.

Adamlary sada hemem mylaýym,
Ýüreklerde hilesi, aly ýok.
Şat, asuda aýlanyp dur gün-aýam,
Göwün olañ gül mährinden gananok.

Synlap diñin Pokrow ybadathanalañ,
Çuññur oýa batyp durşuma, ine.
Türkmen güneşi deý çoglu kalbymdan,
Şu süýji sözleri getirdim dile:

Müdimi ýaşarsyñ hyýalymyzda,
Moskwa! Biz seni söýýäris çenden.
Müñ bir razy bolup ykbalymyza,
Hem saña duş eýlän nesibämden.

▶ AŞGABAT ~ SANKT-PETERBURG

Bu gün ýürek joşýar,
Göwün gül açýar,
Şirin sözler gelýär köñül-zybana.
Bu gün türkmen Arşyñ deñinde uçýar,
Yssy mährin paýlap bütin Zemine.

Aýdymly aýlanýar gözel älemi,
Göterip Tug kimin belende ruhun.
Añzak gyşda dogan parlak Gün ýaly,
Dünýäñ çar ýanyna paýlaýar nurun.

Dostluk ýoly uzap şäher-kendinden,
Ýañlanýar ak bagtyñ sazy-dessany.
Bu gün Prezidentiñ paýhas-erkinden,
Görmäge göz gerek Türkmenistany.

Doganlyk daragty barha boý alýar,
Çar ýana ýaýradyp pudagyn, gülün.
Bu gün Türkmenistan dünýä tanalýar,
Adyl ýoly, röwşen geljegi bilen.

Sankt-Peterburg,
Gahryman şäher,
Beslenýär-de aýdym-saza, şowhuna.
Gujak gerýär, köñle çaýyp nur-mähir,
Türkmeniñ Arkadag eziz Ogluna.

Bu pursatlañ waspyn etmek ajaýyp,
Bu günleñ uzaldýar ynsan ýaşyny.
Ine-de, giñ düzden ganatyn ýaýyp,
Göge göterilýär "türkmen laçyny".

Sankt-Peterburgy hem-de Aşgabat –
Dost-doganlyk howa ýoly açylýar.
Älem-jahan gülgün öwsüp bada-bat,
Ýüz günlük ýol bir pursatda geçilýär.

Merdana, şir ýürek türkmen Gerçegi,
Howa gämisine erk edip barýar.
Haýyr işe besläp röwşen geljegi,
Mertligiñ nusgasyn görkezip barýar.

Gollar galgap,
Joşgun ýürek, ömürler,
Ak ýol arzuwlaýar Prezidentine.
Şeýdip, biziñ iller,
Agzybir iller
Barha öñe barýar jebislik bile!

Bäşim ATAÝEW.

Goşgular